


Kaýum Taňrygulyýew

# HEÝJAN ELEK, JAN ELEK

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2008

UOK 894.361
T 23

K. Taňrygulyýew
T23 Heýjan elek, jan elek – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2008.

TDKP 132 2008

KBK 84 Tür 7

© K. Taňrygulyýew, 2008.

# MATALLAR

Gezer suwda, ýatar suwda,
Bütin ömri öter suwda.
Aýagy ýok, gollary bar,
Teňňeleri-pullary bar.
Çümer gider, golaý gelseň,
Jigim, onuň adyn bil sen!

* * *

Boýny uzyn – düýe däl,
Münere howudy ýok.
Kellesi ata meňzeş,
Ýöne ýaly zady ýok.
Endam-jany alaja,
Goşgymda-da ady ýok.







* * *

Dik ösmez-de gabarar
Peldäki gök hatarlar.
Ýetişensoň mazaly
Togalanyp ýatarlar.
Kä dolama bişirler,
Käte çorba atarlar.

Güýz atyzlar doludyr,
Göýä telpek ýalydyr.
Sowgy duýmaz, üşek däl,
Durşy gat-gat, eşik däl.







* * *

Guş däl, şuwlap geçer ol,
Al-asmana uçanda.
Ganatlary kümüşden,
Adam kändir içinde.
Bulutlardan ýokarda
Seslenýändir geçende.
Ol nämekä,
Nämekä?

* * *

Giň sährany eý görýändir,
Ýadamaz ol, ýollar söker.
Uly sürä buýurýandyr,
Möjeklerden üstün çykar,
Çopan bilen goýun bakar,
Tanadyňmy, ady...



* * *

Jeňňelligiň gelşigi
Ýandak, ýeken, ýylgyndyr.
Şonda gezýän geň guşuň
Endam-jany gülgündir.
Jokurdap göge galsa,
Şol gözel guş...

* * *

Çar ýany ot, gumak ýerden
Ýöräp gelýär ýumak ýerden.
Dört sany geň aýagy bar,
Segsen dürli taýagy bar.
Okap bilmez birje harpy,
Oýlan, onuň ady...

* * *

Çil üstünde yranar,
Gat-gat dona bürener.
Çagalaryň söýýäni,
Malyň halap iýýäni,
Ata-baba öwendir,
Ady Mekge...



## SANAWAÇLAR



Bir tigir,
Iki sygyr,
Üç üzüm,
Dört düzüm,
Bäş pişik,
Alty aşyk,
Ýedi ýaşşik,
Sekiz sebet,
Dokuz böwet,
On don,
Ýene-de kän.
Öwren, jigi,
Ýekän-ýekän.

### AÝDYŞYK

— Şagal diý!
— Şagal.
— Etmäň galmagal!
— Çaga diý!
— Çaga.
— Baraly baga!
— Adam diý!
— Adam.
— Iýeli badam!
— Ak un diý!
— Ak un.
— Ekeli gawun.
— Käşir diý!
— Käşir.
— Otliçnik Aşyr!
— Tagta diý!
— Tagta.
— Baýlygmyz pagta.



## ÇÄGÄNIŇ ÜSTÜNDE

*/oýun/*

Çagalar üýşüp
Agaç oturtdy.
Her kim nahalyn
Mes ýere dürtdi.

Toýguly — çynar,
Aşyrguly — nar.
Seýdaly — söwüt.
Şaguly — şatut.
Aýmaral, Gülje
Oturtdy ülje.

Seredip durdy
Gapdalda Şajyk.
Ýalta gerek däl,
Bol, oýundan çyk!



## ÝAŇYLTMAÇLAR

Gyýak, gyýak, gyýaklyk,
Gyzyl gyýak, gök gyýak,
Gyýaklykda kyrk taýak,
Kyrk taýakly kyrkaýak.

* * *

Palçyk,
Palçyk,
Jaý gurjak, bol, çyk!
Palçykdan al, çyk!

* * *

Bazara barjak
Babamy, Borjak,
Beglimi, Bahar,
Bazarmy, Basar?
Bazar bar zadyň
Bahasyn keser.
Bazar zadynyň
Bahasy ýeser.

* * *

Onjuk oragy
Berdi Otuza.
Olar bardylar
Otly atyza.

Otuzdyr Onjuk
Otap oturdy.
Owlaga Otuz,
Onjuk ot ordy.

* * *

— Dynç al, düş, düşdüş,
Iýseň, me, kişmiş.
Eşitdim myş-myş,
Aýtsana, gel, düş!

— Myş-myş bir boş söz,
Öý bolmaz goşsuz.
Oňýan barmyka
Heýem biş-düşsüz!





* * *

Tut, tut, tudana,
Golaý gelmez hassalyk
Tudanadan dadana.

* * *

Tilki-tilki tiňňirslen,
Bir guýrugy müň arslan.
Tilki-tilki tiňňirslen,
Özüň dürse, sen raslan.
Mekirlige baýrynyp,
Galaýmagyn kem rysgal.





# TAPMAÇALAR

***

Dört şaha bar agaçda,
Her şaha başga-başga.
Biri sary, biri ak,
Biri gyzyl, biri gök.
*/Dört pasyl/*

***

Dostum, bu geň zady gör sen,
Asly kersen, üsti kersen.
Derrew gizlär kellesini
Eger onuň ýanna barsaň.
*/Pyşbaga/*

***

Ujy ýiti zat,
Özi gaty zat.
Ol demir, ol bek,
Başynda telpek,
Çekiji güýmär,
Agajy çüýlär.
*/Çüý/*

***

Uzakdan görgür,
Ýüwrük hem ýörgür.
Azar bermeseň,
Uklar ol "myr-myr".
*/Pişik/*

***

Gögerer topbak-topbak,
Düýäme hörek çapsak.
Çölde biter garpyzam,
Onuň köküne sapsak.
Gülüne gonar ary,
Şiresin sorar ary.
*/Ýandak/*

***

Gyşda ýörän yzy bar,
Ýazda şirin sazy bar.
Tä deňize barýança
Goýup giden yzy bar.
*/Çeşme, ýap/*

Kaýum Taňrygulyýew

# HEÝJAN ELEK, JAN ELEK

Neşiriň jogapkär redaktory *Ag. Allanazarow*
Redaktor *B. Orazdurdyýewa*
Surat redaktory *G. Orazmyradow*
Teh. redaktory *O. Nurýagdyýewa*
Suratçy *Ý. Týunkina*

Ýygnamaga berildi 4.08.2008. Çap etmäge rugsat edildi 13.08.2008. A – 40048.
Möçberi 60x84 $^{1}/_{8}$ . Ofset kagyzy. Mekdep garniturasy. Ofset çap ediliş usuly.
Şertli çap listi 1,86. Şertli reňkli ottiski 7,91. Hasap-neşir listi 1,92.
Çap listi 2,0. Sargyt №2121. Sany 10 000.

**Türkmen döwlet neşirýat gullugy.**
**744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.**

**Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.**
**744004. Aşgabat, 1995-nji köçe, 20.**